***Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet kitaphanasynda Türkmenistan bilen Eýran Yslam Respublikasynyň arasyndaky ynsanperwer gatnaşyklary pugtalandyrmaga gönükdirilen duşuşyk geçirildi.***



Kitaphananyň müdiri Laçyn Nurmuhammedowa Eýran Yslam Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Ali Mojtaba Ruzbehanini we medeniýet boýunça geňeşçi Abdolreza Abbasini kabul etdi. Taraplar medeniýet, ylym we bilim ulgamlarynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdylar.

Saparyň dowamynda eýran diplomatlary kitaphananyň ýöriteleşdirilen bölümlerine baryp gördüler. Myhmanlar pars dilindäki baý kitaplar toplumy, şeýle hem türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň we Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň dünýä dillerine terjime edilen eserleri bilen tanyşdyryldy.

Все права защищены



Duşuşyk kitaphananyň toplumyna kitaplaryň dabaraly sowgat berilmegi bilen tamamlandy. Goňşuçylygyň mizemez gatnaşyklarynyň nyşany hökmünde ilçi Ali Mojtaba Ruzbehani kitaphana Gahryman Arkadagymyzyň “Enä tagzym – mukaddeslige tagzym” atly kitabynyň pars dilindäki terjimesini sowgat berdi. Geňeşçi Abdolreza Abbasi Eýran Yslam Respublikasynyň Aşgabatdaky Medeniýet merkeziniň adyndan daşary ýurt edebiýatynyň toplumyny giňeltjek 40-dan gowrak pars dilindäki neşiri sowgat berdi. Bu waka medeniýetara dialogyň ösdürilmeginde ýene bir ädim boldy we iki ýurduň edebi mirasyna özara hormat goýulýandygyny nygtady.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 15.01.2026